# Berekella, Sagadat partiýasy

Category: Kitapcy,Oba hojalygy: maldarçylyk we ekerançylyk
написано kitapcy | 24 января, 2025
Berekella, Sagadat partiýasy BEREKELLA, SAGADAT PARTIÝASY




Bukjany açdym. Şeýle bir geň galdym, şeýle bir begendim welin, söz bilen beýan edip bilemok…
Žurnalistlere dürli-dürli sowgatlar gelýär. Ýöne bular ýalysyny birinji gezek görýärin:
Ýigrimi sany kiçijik neýlon pakediň içinde nämeler ýokdy: alty sany ýerli garpyz tohumy, bäş sany günebakar tohumy, dört sany kaştan kädisiniň tohumy, iki sany lif kädisiniň tohumy, alty sany suw kädisiniň dürli-dürli tohumy, bäş sany ýerli hyýar tohumy, alty sany bal kädisiniň dürli-dürli tohumy, 8-11 sany bezeg kädisiniň dürli-dürli tohumy…
Hersinden ýigrimi sany Urfa bolgarynyň tohumy, ak noýba tohumy, iri gyzyl pomidor tohumy, şekerçiňrik tohumy, reňkli mekgejöwen tohumy, bamiýa tohumy, reýhan tohumy, tikenli hyýar tohumy, günorta gawunynyň tohumy, barhat gülüniň tohumy, ýerli mekgejöwen tohumy…
Bulary maňa ugradan kişi Sagadat (Saadet – SP) partiýasynyň Stambul boýunça etrap başlygy Ömer Faruk Ýazyjydy.
Hatynyň ýokarsynda şeýle setirler bardy:
«Nesilden nesile iň uly sowgat – bir million sany ata tohumy…»
SP-nyň Stambuldaky bölümi şeýle asylly işiň başyny başlapdyr: gerek diýene bir million sany ata tohumyny mugtuna berýärler…

- **HATYNDA DIÝÝÄN ZADY**

Sagadat partiýasynyň etrap başlygy Ömer Faruk Ýazyjy milli ekerançylyk maksatnamasy üçin hatynda şeýle diýýär:
– Bilşiňiz ýaly, ata tohumy; genetikasy üýtgedilmedik,

haýsydyr bir laboratoriýa şertinde sozulma uçrap, DNO düzümi bozulmadyk, ýokary ýokumy we iýmitlendiriji gymmaty gaçyrylmazdan hasyly alnan tohumlardyr. Bu tohumlar hasyllylygyny ýitirmändigi üçin köpeliji we dowam ediji aýratynlyga eýedir…
– Dünýäde we ýurdumyzda soňky döwürlerde giňden ýaýran GMO-ly gibrid ýa-da bir görnüşli tohumyň mejbury şerte getirilmegi birnäçe saglyk problemasyna, iýmitde baknalyga we açlyga sebäp bolýar. Hut şonuň üçinem atalyk tohumlary ulanmak derwaýysdyr…
– Import tohumyň ýerine öz tohumlarymyzy ýetişdirmegi we köpeltmegi maksat edinýäris. Telekeçi daýhanlarymyzy we ýurdumyzyň ekerançylygyny başga ýurtlara hem-de global şereketlere garaşly ýagdaýa getiren maksatlaýyn kwotalaryň ýatyrylmagyny talap edýäris. Tebigy çeşmeleriň azalan dünýäsinde geljekki nesillere ýaşar ýaly has ýaramly dünýä miras galdyrmak üçin organiki ekinçiligi we tohumlaryň erkin aýlanşygyny goldaýarys…
– Ata tohumynyň gymmatyna ünsi çekmek, geljekki nesillere ýetirilmegine we peýdalanyşynyň artdyrylmagyna goşant goşmak üçin siziň bilen paýlaşan tohumlarynyzyň bereketlenip, köpelmegini tama edýärin…

- **HAÝP DÄLMI**

Sagadat partiýasyny tüýs ýürekden gutlaýaryn.
«Gizlin elitalar» (“Saklı Seçilmişler”) kitabymda Turgut Özal bilen başlan daşaryk garaşly ekerançylyk syýasatynyň ýurdy ne güne düşürendigini detallary bilen ýazypdym. Gynansak-da, şeýle syýasaty gelen her hökümet dowam etdirdi. Iň uly etmiş bolsa AKP hökümetine degişli! Emma taryhyň lentasyny has yza saratmak isleýärin, şumat 2006-njy ýylda çykarylan 5553 belgili «Tohumçylyk kanunyny» agzabam durjak däl…
Sanaýmalyja adam, raýat-jemgyýetçilik guramalary uly göreş alyp bardy. Durmuş biziň haklydygymyzy görkezdi.
Indi AKP hökümeti-de «ýerli-milli ekerançylyk» sözüni agzamaga başlady. AKP-de öňki ministr Faruk Çeligiň bu syýasatyň

döremeginde hyzmaty uly boldy. Galyberse-de, Emine Erdoganyñam…
Hakyny iýmäliñ, syýasatda «döwlet ekerançylyk syýasaty» üçin tapawutlylyk döreden şahslaryñ başyny Kemal Kylyçdarogly çekýär. JHP-niñ ekerançylyk boýunça hünärmen deputatlarynyñam adyny tutup geçsek gowy bolar: Gökhan Günaýdyn, Orhan Sarybal, Okan Gaýtanjyogly, Fethi Ömer Gürer…
MHP-niñ resmi saýtyna seredenimizde, milli ekerançylyk syýasaty boýunça makalalara duşmak bolýar. Şol makalalar esasan DSP-ANAP-MHP koalizasion hökümeti döwründe gol çekilen ekerançylyk hususylaşdyrmak işleri barada ýazylan tankydy synlandyr. Aýdyşym ýaly, düýnki güne baglanyp galasym gelenok, ýalñyşlyklardan sapak almak mertlikdir.
Hemişe şuny aýdýaryn:
Döwlet ekerançylyk syýasatynda partiýalaryñ el-ele berip bir maksat üçin işlemegi begendiriji ýagdaý.
Çünki tohum syýasaty düýbünden özgermeli. Şeýle:
Türkiýe müñlerçe kilometr daşlykdaky ABŞ-dan süýji mekgejöwen, gibrid mekgejöwen, jöwen, gyzyl bugdaý, bugdaý-çowdary gibridi, pagta, gabyksyz nohut, gabyksyz noýba, noýba, süle, soýa, gawun, garpyz, şeker şugundyry, klewer (yonca), gyzyl çaýyr otlary, kentukki mawy oty, bolgar, italýan ýeroty, iñlis ýeroty, poa sortly ot, sorgo, beýleki iýmlik ösümlikler, suwoty (травянистые растения), salatlyk şugundyr, gyzyl şugundyr kädi, hyýar, sogan, käşir, kelem (marul, латук посевной), reñkli kelem (karnabahar), petruşka, ysmanak, bolgar, pagta, turp, temmäki, pomidor, bürünç, günebakar we beýleki tohumlary satyn alýar. A Ysraýyl, Gollandiýa ýaly beýleki ýurtlar? Haýp dälmi?
Hernä indi aklymyza aýlanyp ugrandygymyzy görkezýän ädimler ädilýär. Ne ajap.

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 22.04.2022 ý. Oba hojalygy: maldarçylyk we ekerançylyk